**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň pedagogiki işgärleriniň hünär etikasynyň kadalary hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň pedagogiki işgärleriniň hünär etikasynyň kadalary hakynda Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna, “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň okuw işini kadalaşdyryjy namalaryna, buýruklaryna we gözükdirijilerine, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Düzgünnama orta hünär okuw mekdepleriniň ahlak ölçeglerine we däp-dessurlaryna, şeýle hem halkara ülňülerine we pedagogiki işjeňlik kadalaryna esaslanýan pedagogiki çäreleri amala aşyrmakda hünär etikasynyň umumy ýörelgeleriniň toplumydyr. Bu Düzgünnama pedagogiki işgärlere okuw işinde oňa gatnaşyjylaryň arasynda hünär taýdan özüňi alyp barmagyň meseleleri bilen baglanyşykly ýüze çykýan soraglara jogap bermekde ýardam beriji gural bolup çykyş edýär.

1.3. Bu Düzgünnamanyň hiç bir kadasyny bilim hakyndaky hereket edýän kanunçylygyň bozulmagyna ýol berýän ýa-da rugsat berýän kada diýip düşünilmeli däldir.

1.4. Bu Düzgünnama aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

- raýatlaryň bilim edarasyna bolan ynamyny ýokarlandyrmak;
- pedagogiki işgärleriň öz hünär işini mynasyp ýerine ýetirmek we wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegiň hilini ýokarlandyrmak üçin özlerini alyp barmagyň hünär etikasynyň kadasyny kesgitlemek we ýaýratmak;
- ýaşlar barada döwlet syýasatynyň öňde goýýan wezipelerini berjaý etmek;
- bilim edarasynyň pedagogiki işgärleriniň abraýyny berkitmekde ýardam bermek hem-de özüňi alyp barmagyň ýeketäk kadasyny işläp düzmek;
- pedagogiki işgärleriň bilelikde alyp barýan işleriniň dowamynda aralarynda ýüze çykaýjak hünär we ahlak meseleleri dolandyrmak;
- pedagogiki işgärlerde umumyadamzat we hünär kadalaryna hem-de ýörelgelerine laýyklykda ýokary ahlakly şahsyýet duýgularyny terbiýelemek.

1.5. Düzgünnama jemgyýetiň aňynda pedagogiki işgäre edep-terbiýe kadasy we özara sylag-hormat gatnaşyklary esasynda özara hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin esas bolup hyzmat edýär.

1.6. Bu Düzgünnamanyň kadalaryny bilmek we berjaý etmek Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň (mundan beýläk - mekdep) her bir pedagogiki işgäriniň ahlak borjudyr hem-de onuň hünär işiniň hiline baha bermegiň esasy görkezijisi bolup çykyş edýär.

1.7. Her bir pedagogiki işgär bu Düzgünnamanyň kadalaryny berjaý etmek üçin zerur çäreleri görmeli, mekdebiň okuw işini gatnaşyjylary bolsa, özleri babatda pedagogiki işgärlerden degişli garaýyş häsiýetlere garaşmaga haky bardyr.

1.8. Mugallymçylyk işini amala aşyrýan ýa-da mekdebe kabul edilýän pedagogiki işgär bu Düzgünnamanyň mazmunyny öwrenmäge, özi üçin bu kadalary kabul etmäge ýa-da mugallymçylyk işinden boýun gaçyrmaga hukugy bardyr.

## II. Pedagogiki işgärleriň hünär işiniň öňündäki borjy

2.1. Pedagogiki işgärler islendik ýagdaýda hem öz işine mahsus bolan abraýyny we mertebesini saklamalydyr.

2.2. Pedagogiki işgär hünär işiniň dowamynda aşakdaky ahlak ýörelgeleri berjaý etmelidir:

- kanunylyk;
- obýektiwlik;
- baş çykaryjylyk;
- garaşsyzlyk;
- yhlaslylyk;
- adalatlylyk;
- dogruçyllyk;
- adamkärçilik;
- demokratiklik;
- professionallyk;
- özara sylaglylyk;
- syrlylyk (konfidensiallylyk).

2.3. Pedagogiki işgärler raýatlaryň, jemgyýetiň we döwletiň öňündäki jogapkärçiligine düşünmek bilen, borçlanýar:

- özüniň hünär işi babatynda jemgyýetiň bildirýän ynamyny we hormatyny ödemäge, onuň abraýyny ýokarlandyrmak üçin ähli tagallalary etmäge;
- mekdebiň işiniň netijeliligini üpjün etmek maksady bilen ýokary hünär derejesinde we ak ýürekden wezipe borçlaryny ýerine ýetirmäge;
- adamyň we raýadyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak hem-de ony ykrar etmek her bir pedagogiki işgäriň, umuman mekdebiň alyp barýan işiniň maksadyny we mazmunyny kesgitleýändigine düşünmäge;
- öz ygtyýarlygynyň çäginde işleri amala aşyrmaga;
- hünär, jemgyýetçilik toparynyň ýa-da guramalaryň haýsy hem bolsa birini beýlekilerden ileri tutmazlyga, olaryň ýa-da aýratyn bir raýadyň täsirinden garaşsyz bolmaga;

- öz wezipe borjuny ak ýürekden ýerine ýetirmäge päsgel berýän şahsy, maddy (maliýe) we beýleki bähbitler bilen baglanyşykly hereketleri etmezlige;
- korrupsiýa düzgün bozmalaryna ýykgyn edýän islendik ýagdaý bilen baglanyşykly ýüz tutan raýatlar hakynda mekdebiň ýolbaşçylaryna habar bermeklige;
- mugallymçylyk işini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly kanunçylykda kesgitlenen çäklendirmeleri we gadaganlary berjaý etmeklige;
- bilim gurşawynda oňa gatnaşyjylar babatynda sypaýyçylygy we dykgatlylygy ýüze çykarmaga;
- Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň milli däp-dessurlaryna, edim-gylymlaryna, medeniýetine, dürli etniki, jemgyýetçilik toparlarynyň beýleki aýratynlyklaryna hormat goýmaga hem-de milletara gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda ýardam etmäge;
- mekdebiň üstüne ýüklenen jemgyýetçilik funksiýalaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly işewürlik edebiniň düzgünlerini we ahlak kadalaryny ýerine ýetirmäge;
- gyzyklanmalaryň konflikti dörän wagtynda ony dolandyrmakda we döremeginiň öňüni almakda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen çäreleri amala aşyrmaga;
- özüne talapkär bolmaga, öz-özüni kämilleşdirmäge;
- hünär bilimini we endiklerini yzygider täzelemäge we kämilleşdirmäge;
- bilim arkaly adamyň hukuklaryny we demokratik ýörelgelerini öňe sürmek boýunça ukyp başarnyklaryny gaýgyrmazlyga;
- özüňe erk etmek we çeniňi bilmeklik duýgularyny ýitirmezlige;
- türkmen diliniň düzgünlerini, sözlemegiň medeniýetini berjaý etmeklige, gürlände sögünç, gödek we göwne degýän sözleri ulanmazlyga;
- jogapkärçiligindäki resurslardan netijeli peýdalanmaga;
- iş ýerini tertipli saklamaga;
- daşky keşbi babatynda işewürlik stilini, arassaçylygy, ykjamlygy berjaý etmeklige we özüňi bezemegiň çen-çakyny bilmeklige.

2.4. Mugallymyň hünär ussatlygyny görkezýän wajyp görkezijileriň biri öz pikirlerini ussatlyk bilen, düşnükli hem takyk dilde beýan etmek arkaly ýüze çykarýan sözleýiş medeniýetidir. Ol aşakdaky sözleýiş kadalaryny öz içine alýar:

- gepleşmekde düşnükliligi we ýönekeýligi üpjün edýän - *aýdyňlygy*;
- türkmen edebiýatynyň umumy kabul edilen dil kadalaryny ulanmak arkaly pikirleriňi beýan etmegiň - *ussatlygy*;
- gepleşmekde oýlanşyklylygy, akyl ýetirijiligi we informatiwliligi ýüze çykýan – *mazmunlylygy*;
- pikirleriň beýan etmegiň yzygiderliligini we esaslandyrylandygyny gökezýän – *logikiligi*;
- maglumatlaryň hakykylygyny we obýektiwligini özünde jemleýän – *delilliligi*;
- geplemekde gysgalygy we düşnükliligi görkezýän – *az sözlüliligi*;

- degişli ýagdaýda aýdylanlaryň zerurlygyny we wajyplygyny aňladýan – *ýerlikliligi*.

2.5. Işiniň dowamynda pedagogiki işgär aşakdakylary etmekden saklanmaly:

- pedagogiki işgäriň öz wezipe borjuny ak ýürekden ýerine ýetirýänligi babatynda şübhe döredip bilýän hereketleri etmekden, şeýle hem öz mertebesine we mekdebiň abraýyna şikes ýetirip bilýän dawa-jenjelli ýagdaýlardan;
- mekdebiň işi hakynda biperwaý seslenmekden ýa-da ony beýleki bilim edaralary bilen esassyz deňeşdirmekden;
- özüniň ähmiýetini we hünär başarnyklaryny artdyryp görkezmekden;
- ýaraňjaňlygy, ikiýüzliligi, ýürege-düşgünçligi, ýalan sözlemegi we hilegärligi ýüze çykarmakdan;
- adamlary jyns, ýaş, millet, dil, gelip çykyşy, jemgyýetçilik, emläk ýa-da maşgala ýagdaýy, syýasy ýa-da dini garaýyşlary boýunça islendik görnüşli pikirleri beýan etmekden we hukuklaryny kemsitmek häsiýetli hereketleri etmekden;
- kesgitli jemgyýetçilik we milli toparlary tarapyndan dil ýetirmek görnüşinde nädogry kabul ediljek jümleleri aýtmakdan;
- adamyň fiziki ýetmezçiligini kemsitmek häsiýetli açyk we bihaýa sözleri beýan etmekden;
- gödeklikden, ajy kinaýalardan, äsgermezlik äheňinde gürlemekden, ulumsylykdan, esassyz bellik etmekden, bikanun talaplardan, adalatsyz günäkärlemekden;
- gorkuzmakdan, göwne degýän sözlerden ýa-da gep gatmakdan, kadaly gepleşmäge päsgel berýän ýa-da kanunylyga garşy özüňi alyp barmaga iterýän hereketlerden;
- karary dessine kabul etmekden, adamyň hukuk we ahlak kadalaryny äsgermezlikden, kanuna, ahlak kadalara laýyk gelmeýän serişdeleri peýdalanmakdan.

2.6. Pedagogiki işgärler maglumatlaryň howpsuzlygyny we gizlinligini üpjün etmek üçin ähli zerur çäreleri görýär, öz wezipe borjuny ýerine ýetirmekde mälim bolan beýleki maglumatlary rugsatsyz ýaýradandygy üçin jogapkärçilik çekýändir.

2.7. Okuw sapagynda we beýleki resmi çärelerde telefonda gepleşmek gadagan, ykjam telefonlar sessiz tertibe geçirilmelidir.

2.8. Pedagogiki işgärleriň arasyndaky dawaly pursatlary çözmekde, mekdebi gyzyklandyrýan taraplar ileri tutulýar.

2.9. Eger-de mugallym çylşyrymly etiki ýagdaýlarda etjek hereketlerine doly ynamy bolmasa, ol bölüm ýolbaşçylaryna maslahat üçin ýüzlenip biler.

## III. Pedagogiki işgärleriň talyplaryň öňündäki borjy

3.1. Pedagogiki işgärler talyplar bilen işleşen wagtynda:

- her biriniň aýratynlygyny, indiwduallygyny we şahsy islegini ykrar edýär;
- özara sylag-hormat esaslanýan gepleşmegiň usulyny özi saýlaýar;

- talyplaryň özüni alyp baryşyna we gazanan üstünliklerine baha berende, olarda öz-özüňe hormat goýmak we öz güýjüňe ynanmak ýaly duýgularyny berkidýär, kämilleşmegiň mümkinçiliklerini görkezýär, okuwa bolan höwesini ýokarlandyrýar;
- olarda ruhy-ahlak gymmatlyklary, sagdyn durmuş-ýörelgeleri kemala getirýär, raýatlygy, watansöýüjiligi, beýleki milletlere hormaty, jogapkärçiligi, zähmete söýgini terbiýeleýär;
- olaryň konstitutsion hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün edýär;
- watançylyk, türkmen halkynyň taryhy, medeni we ruhy gymmatlyklaryna hormat goýmak duýgusyny ösdürýär;
- Türkmenistanyň taryhy ösüşiniň esas goýujy taglymatlaryna, durmuş-ykdysady ösüş babatda döwlet syýasatynyň häzirki zaman ugurlaryna ýaşlaryň aňly-düşünjeli garaýyşlaryny kemala getirýär;
- olarda milli ruhy-ahlak garaýyşlaryny we özüňi alyp barmak edebini kemala getirýär;
- döwlete gulluk etmekde, zähmet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmekde dogduk mekana söýgini terbiýeleýär;
- hukuk medeniýetini, kanuny, döwlet häkimiýetini, döwlet nyşanlaryny hormatlamagy, ýokary ahlaklylygy we umumy medeniýeti, şahsy mertebe duýgusyny we düzgün-nyzamlylygy kemala getirýär;
- halkymyzyň jebisligini pugtalandyrmak jogapkärçiligini ýokarlandyrýar;
- maşgala, çagalar, ýaşuly adamlar, aýratyn aladany we ünsi talap edýän raýatlaryň beýleki toparlary barada alada etmek islegini ösdürýär;
- olarda meýletinçilik we haýyr-sahawat duýgusyny ösdürýär;
- döredijilik endiklerini kemala getirýär;
- durmuş ösüşini pedagogiki we psihologiki taýdan goldaýar;
- jemgyýete dahyllyk duýgusyny we şahsyýetara gatnaşyklaryň endiklerini ösdürýär;
- hukuk bozulmalarynyň psihologiki-pedagogiki taýdan öňüni alýar;
- sanly tehnologiýa ulgamyndan we innowasion serişdelerden peýdalanmagyň ýokary medeniýetini terbiýeleýär;
- ähli ugurda olar üçin položitel görelde görkezmäge ymtylýar.

3.2. Pedagogiki işgär talyplar bilen işleşende aşakdakylary etmekden saklanmaly:

- öz dünýägaraýşyňa, pikirleriňe we ileri tutýan düşünjeleriňe ynandyrmakdan;
- olaryň şahsyýetine we kanuny hossarlarynyň şahsyýetine baha bermekden;
- olaryň hereketlerine we etmişlerine esassyz we nädogry baha bermekden;
- talyplaryň kanuny hossarlarynyň hereketlerine esassyz we nädogry baha bermekden;
- çylşyrymly materiallary düşündirmekde talyplaryň şahsy we psihologiki ýetmezçiligine ýa-da wagtynyň ýoklugyna (eger-de wagty hakykatdan hem ýok bolsa, onda iki tarap hem özleri üçin amatly wagtda görüşmegi ylalaşmaly) salgylanyp boýun gaçyrmakdan;

- bilim hyzmatlary üçin goşmaça tölegleri talap etmekden;
- okuw sapaklarynda aç-açan syýasy we dini wagyzlary etmekden;
- wezipe borjuny ýerine ýetirmegiň öňýanynda we ýerine ýetirýän wagty alkogol içgileri içmekden;
- mekdebiň otaglarynda we territoriýasynda çilim çekmekden.

## IV. Pedagogiki işgärleriň talyplaryň ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlarynyň öňündäki borjy

4.1. Pedagogiki işgärler häsiýeti boýunça özüniň hünär borçlaryna girýän meselelere ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň çendenaşa ýa-da esassyz goşulyşmagyndan goralmalydyr.

4.2. Pedagogiki işgärler talyplaryň ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar bilen işleşende borçlanýarlar:

- olaryň köp böleginiň kada boýunça kynçylyga, şowsuzlyga, hatda betbagtçylyga uçrandan soňra ýüz tutýandyklaryny unutmazlyga. Olaryň umuman mekdebiň işi we pedagogiki işgärleri hakyndaky pikirleri we keýpleri ilkinji nobatda olary garşylaýşyňa we diňleýşiňe, şeýle hem olara nähili ýardam etşiňe baglydygyny unutmazlyga;
- dykgatlylygy, sypaýyçylygy, akgöwünliligi, ýardam etmek höwesini ýüze çykarmaga;
- gürleýäniň sözüni bölmezden, söhbetdeşiňe akgöwünliligi we hormaty ýüze çykarmak bilen, olaryň düşündirişlerini ýa-da soraglaryny üns bilen dykgatly diňlemäge;
- ýaşululara, weteranlara, saglyk ýagdaýy çäkli adamlara sylaşykly daraşmaga, zerur bolan ýardamlary bermäge;
- gysga we ynandyryjy äheňde gepleşmäge, eger-de zerur bolsa aýdylanlaryň manysyny gaýtadan, gaharsyz we rahat ýagdaýda düşündirmäge;
- gepleşmegi salam bermekden başlamagy;
- ýüzlenmelerini diňlemäge we meseläniň düýp manysyny aýdyňlaşdyrmaga, eger-de zerur bolsa gysga görnüşde aýdyňlaşdyryjy soraglary bermäge;
- seredilýän sorag boýunça zerur bolsa kanunçylyk namalaryny we düzgünnamalary düşündirmäge;
- öz ygtyýarynyň çäginde (eger-de ygtyýarlygy ýok bolsa degişli ýolbaşçylara ýüz tutmak esasynda) çözgütleri kabul etmäge.

4.3. Pedagogiki işgär talyplaryň ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlary bilen işleşende aşakdakylary etmekden saklanmaly:

- olary kabul ediş nokadynda esassyz köp wagtlap garaşdyrmakdan;
- gödek görnüşde olaryň sözüni bölmekden;
- olara gaharyňy we nägileligiňi görkezmekden;
- olaryň barlygyny äsgermän, ýanynda telefonda gepleşmekden;
- talyplaryň ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlary hakynda aýdanlaryny ýaýratmakdan;

- çagalarynyň şahsyýetine we üstünliklerine berilen bahalaryň kömegi bilen olaryň ata-eneleri ýa-da ornuny tutýan adamlar hakynda netije çykarmakdan.

4.4. Ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlary çagalaryna bilim bermekde işjeň gatnaşmaga höweslendirmek üçin ähli ukyp-başarnygyny sarp edýär. Şeýlelik bilen olaryň çagalary üçin bilim bermek işiniň iň amatly we dogry usulyny saýlaýar.

4.5. Kemsidiji we adalatsyz bellikleri, ýerliksiz aýdylanlary, kinaýaly gülkileri özüňe aýdylan hökmünde kabul etmezlik, dawaly we galmagal ýagdaýlara girişmekden saklanmak maslahat berilýär.

4.6. Talyplaryň ata-eneleri ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar gaharjaň hereketleri ýüze çykarýan bolsa, olaryň emosional dartgynlygyny ortadan aýyrmak üçin zerur çäreleri görmeli, soňra bolsa rahat ýagdaýda meseläniň çözmegiň tertibini düşündirmeli.

## V. Pedagogiki işgärleriň kärdeşleriniň öňündäki borjy

5.1. Pedagogiki işgärler öz kärdeşleri bilen işleşende:

- olaryň pikirlerine we ynançlaryna hormat goýmak bilen, işewürlik gurşawyny goldaýar;
- öz hünär ýolunyň başyndaky kärdeşlerine maslahat we ýardam berýär;
- kanunçylyk we mekdebiň düzgünnamalarynda kesgitlenen usullar arkaly olaryň özara baha bermek işine ýardam edýär;
- olaryň gyzyklanmalaryny goldaýar we öňe sürýär.

5.2. Pedagogiki işgärler öz kärdeşleri bilen işleşende aşakdakylary etmekden saklanmaly:

- beýleki pedagogiki işgärleriň alyp barýan işleri hakynda biperwaý gürrüňleri etmekden ýa-da olaryň edýän işlerini özüniňki bilen esassyz deňeşdirmekden;
- kärdeşleri bilen esassyz we obýektiw bolmadyk gatnaşyklary saklamakdan;
- olaryň şahsy durmuşyny we ýetmezçiligini gybat etmekden.

## VI. Pedagogiki işgärleriň mekdep ýolbaşçylarynyň öňündäki borjy

6.1. Pedagogiki işgärler mekdebiň ýolbaşçylarynyň maksadalaýyk tabşyryklaryny berjaý edýär;

6.2. Pedagogiki işgärler mekdebiň ýolbaşçylary bilen işleşende ýaraňjaňlyk etmekden saklanmaly.

## VII. Mekdep ýolbaşçylarynyň pedagogiki işgärleriň öňündäki borjy

7.1. Mekdep ýolbaşçylary beýleki pedagogika işgärler üçin hünär ussatlygynyň we abraýynyň nusgasyny görkezmeli hem-de mekdepde netijeli işlemek üçin amatly ahlak-psihologiki gurşawyň döremegine ýardam etmeli;

7.2. Her bilen mugallymyň ukyplaryny we başarnyklaryny doly açyp görkezmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmeli;

7.3. Mekdebiň ýolbaşçylar düzümi ýerine ýetirmeli:

- şu Düzgünnamanyň kadalaryny mugallymlaryň aňynda ýerine ýetirmäge bolan garaýyşy döretmek;
- şu Düzgünnamanyň ýörelgelerini we kadalaryny berk berjaý etmekde nusgalyk görelde bolmak;
- mugallymlara söz we iş bilen ýardam etmek, ahlak-psihologiki kömegi we goldawy bermek, haýyşlaryny we zerurlyklaryny öwrenmek;
- hünär etikasynyň ýörelgelerine we kadalaryna esaslanyp köpçülikleýin gatnaşyklary kadalaşdyrmak;
- köpçülikde hileçiligiň, myş-myşlaryň, gybatlaryň, adalatsyzlygyň, hyýanatçylygyň we ikiýüzliligiň öňüni almak;
- hünär etikasynyň kadalaryny bozmak hadysalaryna gijikdirilmän garalmagyny we olar barada obýektiw kararlaryň kabul edilmegini üpjün etmek;
- mekdebiň işi barada jemgyýetde ýa-da raýatlarda zerur maglumatlaryň ýoklugy sebäpli, pedagogik işgärleriň hereketleriniň kanunydygyna şübhelenýän ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin işleriň ýokary derejede açyklygyna we aýdyňlygyna goşant goşmak;
- işde-de, öýde-de zerurlyklar we islegler babatynda sada bolmak.

7.4. Mekdebiň ýolbaşçylar düzümi ahlak taýdan şu aşakdakylary etmekden saklanmaly:

- öz jogapkärçiligini garamagyndaky işgärleriň üstüne ýüklemekden;
- şahsy bähbidiňi ara alyp eýeleýän wezipäňden peýdalanmakdan;
- formalizmi, kezzaplygy, ulumsylygy, gödekligi görkezmekden;
- kollektiwde ýazgarmak üçin şertleri döretmekden;
- garamagyndaky işgärler bilen ýolbaşçylaryň hereketlerini ara alyp maslahatlaşmakdan;
- garyndaşlyk, jemgyýet, şahsy wepalylyk, dostlukly gatnaşyklar sebäpli howandarlyk, kär mümkinçiliklerini üpjün etmekden;
- halanýanlaryny özlerine has ýakynlaşdyrmakdan, wezipelerine laýyk gelmeýän käbir ygtyýarlyklary olara bermekden; mynasyp bolmasada höweslendirmekden, sylaglamakdan; esassyz, maddy we maddy däl çeşmelere elýeterliligi üpjün etmekden;
- dini, gelip çykyşy, taýpa degişliligi we şahsy wepalylyk sebäpli ýakyn adamlaryna ahlak taýdan gorag bermekden;
- wezipe borçlarynyň we ygtyýarlyklarynyň bähbitlerine ters gelýän peýdalary özüniň şahsy gyzyklanmalaryna esaslanyp, bilgeşleýin ulanmakdan.

## VIII. Düzgünnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik

8.1. Mugallymlaryň hünär etikasynyň kadalaryny bozmak bilen baglanyşykly meselelere mekdepde döredilen bilim gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň

arasyndaky jedelleri çözmek boýunça döredilen garaşsyz topar tarapyndan seredilýär.

8.2. Topar öz işini alyp barmakda bilim baradaky kanunçylyga, mekdebiň Tertipnamasyna, şu Düzgünnama esaslanýar.

## IX. Düzgünnamanyň talaplaryny bozandygy üçin jogapkärçilik

9.1. Şu Düzgünnamanyň talaplarynyň bozulmagy mugallym tarapyndan öz wezipe borjunyň ýerine ýetirilmedikligini ýa-da nädogry ýerine ýetirilendigini aňladýar we hünär synagy wagtynda göz öňünde tutulýar. Ol ahlak taýdan täsire ýa-da zähmet kanunçylygy bilen kesgitlenen düzgün-nyzam temmileriniň berilmegine getirýär.